# Skleroz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Skleroz SKLEROZ

– Aý-u, eglendiňle beýle, otagdan çykman,
Aýdyp otur, hany, nä diýdi lukman?

– Aý, keýwany, oň-a iki aýdan zady bar,
Bir ýakymly, birem ýakymsyz habar.

Haýsyndan başlaýyn, sen aýt, ilki,
Duýgydaşlyk edip bilersiň belki!

– Ýakymsyzyn ilki aýt bakaly,
Ne bela ol, külpetli ýa hataly?!

– Skleroz diýilýän kesel sataşan,
Ýatkeşlik ýok, damarlarym bitişen.

– Lukmansyzam bilýäs ýatkeş däldigiň,
Bol, aýt indi hoş habaryň nädigin!

– Aýtsam neme diýdi, neme, soň ýene…
Wah, näme-daý, ýada düşse diýsene!

Bolmaz indi oýlap azap çekenim,
Ýakymlydan başlamaly ekenim!

2017 ý. Goşgular